# Galoş

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Galoş GALOŞ



Gazetdäki suraty gören badyma tanadym…
Şol aýakgapdy…
Şo-ol öňki zyňanymdaky ýaly, hiç hili üýtgemändir…
Şunça wagt geçdi, gumak ýollara asfakt düşeldi, awtoulaglaryň şekili näçe gezek üýtgedi… Kim bilýär, penjekleriň modasy näçe gezek üýtgedi… Telefonlar, otlular, şäherler, radiolar üýtgedi… Hiç zat öňküsi ýaly däl…
Ol welin şodurşuna…
Gara rezin aýakgap… "Galoş…"
Zawody, firmasy, markasy ýokdur… Bilşimiz ýaly, awtoulagyň, traktoryň zaýalanan, sandan çykan tekerleri eredilip Antepiň, Urfanyň gowaklarynda galyplara guýlup ýasalýar…
Gören badyma hyýalymda bir demde "galoşly" ylgamaga başladym…
Meniň galoşymyň içinden sim çykar durardy…
Içinde boş howa däl, tekeriň simini galdyrypdyrlar…
Biraz geýenden soň tekeriň ysy gelip durandyr…
Aýak görgüli peteksiz gara reziniň içinde zary-giryan, wagtyň geçmegiň bilen gara rezin aýagyň dymjyk ysyna eýlenýär…
Kän wagt geýmersiň, ýyrtylar…
Burny ýyrtylmasa meselesi ýok, aýagyňda ýarsy galsa-da oňňut edip ýörensoň… Biri ýyrtylsa-da, mesele däl, bir taýy ýyrtylan galoş tapsaň bolany…
Öň tarapynda bagjyk ýeri-de bar…
Emma hiç wagt bagjyk ýüpi eliňe ilmez… Çünki galypçynyň edähedir, galypda şeýle motiw bar, bagjygy bar ýaly edip ýasaýar…
Topuklaryndan geçirilen ýüp bilen ýekesini biri-birine

baglaýarlar… Hem iki sag alyp gitmesin adam… Hemem omzuňa atdyňmy, biri öňde, beýlekisi yzda, şeýdip gidiberersiň…
Gutusy ýok, ýagny… Hiç haçanam bolmandy…
Galoş (jizlawet) adyny Şwesiýanyň bir jülgesinde öndürilýän galoşlardan alyp gaýdýanam bolsa, dünýäniň läheň teker firmalarynyň önümlerini eredip, uly ýük awtoulaglarynyň dälde, adamyň aýagyny aýakgaply eden türk paýhasydyr aslynda…
Ýoksullykdyr, garyplykdyr…
Takdyrdyr…
Hiç üýtgemeýänligi garybyň ýazgydynyň üýtgemeýänligindendir…
Gören badyma tanadym…
Ol magdan känini suw basanda gark bolup ölen ogly üçin “oglum ýüzüp bilenokdy” diýen ene-atanyň aýaklaryndady…
Tozup, apgyrdy giden galoş…
Atanyň ady-da Rejep…
Beýleki Rejebiň «Bikanun gurlan köşgünde» ökjeli köwüşlere tyrkyldap ses edýän we dünýäniň aňry ujundan getirilip düşelen gülgüne mermerleriniň gürrüňi edilýän günleridi şol günler…
Bekir JOŞKUN.

«SÖZCÜ» gazeti, 22.11.2014 ý. Publisistika